
Zenanlaryñ atyr sepinip daşary çykmagynyñ hökümi.



Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Zeýneb es-Sekafiýýeden (radiallahu anha) gelen rowaýatda, Pygamberimiz Muhammed (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär: **“Zenanlardan biri ýassy namaza (başga bir rowaýatda metjide) gidende atyr (misk) sepinmesin!”** (Muslim)

Ebu Hureýreden (radiallahu anh) gelen hadysda, Pygamberimiz Muhammed (sallallahu aleýhi we sellem):**“Üst-başyna atyr (misk) sepinen zenan, ýassy namazyna jemagata gelmesin”** diýýär. (Muslim)

Ebu Musa el-Eşariniñ (radiallahu anh) rowaýat eden hadysynda bolsa, zenanlaryñ atyr sepinip daşaryk çykmazlygy barada anyk höküm çykýar. Pygamberimiz Muhammed (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýýär: **“Eger bir zenan atyr sepinip soñra ynsanlaryñ ýanyndan geçse, ol kişiler onuñ ysyny alsalar, ol zenan zaniýadyr (zynaçydyr).”** (Sahyh hadys. Ahmed, Müsned 4/414, Ebu Dawud, no: 4173, Tirmizi, no: 2786)

Musulman uýam!

Bu hadyslar zenanlaryñ atyr (misk) sepinip daşary çykmagynyñ haramlygyna delildir. Çünki zenanlaryñ gowy atyrlar sepinip daşaryk çykmagy erkekleriñ şehwetlerini oýaryp, olary zenanlara meýil etdirýän zatdyr.

Bu hadysyñ şerhinde (düşündirilişinde) allame Mubarekfuri (rahimehullah) şeýle diýýär: **“Hadysda (ol aýal zynaçydyr) diýmeginiñ manysy: Zenan sepinen gowy ysly atyry zerarly erkekleriñ şehwetlerini oýaryp, olaryñ özüne seretmeklerine sebäp bolýandyr. Keseki zenana sereden kişi bolsa, göz zynasy etdigi bolar. Gowy atyrlar sepinen zenan bolsa, bu göz zynasynyñ sebäpkäridr we şonuñ üçinem günäkärdir.”** (Tuhfetul-Ahwezi, 8/71)

Zenanlara seretmegiñ özi hakyky zynanyñ başlangyjydyr. Musulman zenana parz bolan zerur bolmasa öýünden çykmazlygydyr. Eger çykmaly bolaýan ýagdaýynda-da, Allah Taglanyñ buýruşy ýaly edebe laýyk hijap we doly örtýän giñ lybaslar geýmelidir we atyr sepinmeli däldir. Öýüniñ içinde bolsa, eger keseki erkek ýok bolsa (myhman ýaly) onda islän atyryny sepinip biler.

Ar-namysly musulman zenan diñe öz äri üçin bezener we oña görünjek bolar. Emma ar-namysdan, edep-haýadan mahrum zenanlar bolsa, kesekilere görünjek bolarlar. Musulman zenan diñe öýüniñ içinde ýoldaşy üçin bezenip, atyr sepinmelidir.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.